# Seret, ýene gar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Seret, ýene gar… SERET, ÝENE GAR…

Özümi mydama aldawa salýan,
Tekrarlap ýagdaýmyň oňatlygyny
«Göz üçinem» galyň geýinen bolýan,
Aýyrman dünýämiň doňaklygyny

Sen kem-kemden uzaklaşýaň,
haýaldan,
ünjä berip gursagymyň çar ýanyn
Ýöne ilki arzuwlardan, hyýaldan,
Eräp gitdiň bir gysymlyk gar ýaly

Seret, ýene gar ýagýar-a söwdügim
Ümür bilen kütek gözler garjaýar
Senli doly ýatlamalaň sandygyn,
Güýzde ýagyş, gyşda garlar dörjeýär…

Ylham GURBANALYÝEW.

2022.12 Goşgular